# Gargalar we gurbagalar

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gargalar we gurbagalar GARGALAR WE GURBAGALAR

Ol gün öýlän gurbagalar,
Bäsleşige giripdi
Gargalar bilen.
Biz-de emin hökmündedik,
Çagalar bilen.
Gijara deň gutarmady,
Gak-gak, warrk-warrk eden dürli sözleri,
Sesleri geň galdyrýardy bizleri.
Ýöne ne gurbagalaryň sözüne
Düşünýärdi gargalar,
Ne-de gargalaň sözüni
Aňlardy gurbagalar,
Ne-de biz düşünüpdik,
Olaryň gürleşigne.
Her kimiň bir tarapdan
Batly sesi gelýärdi,
Düşünse düşünmeseler,
Her kim, «men-de şu ýerde,
bar» diýesi gelýärdi!

Goşgular